# Eýlediñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eýlediñ EÝLEDIÑ

Bir bakyşda eý perizat köňlüm asman eýlediň.
Köňül asmanyna yşgyň mahy-taban eýlediň.
Kirpigiň oka meňzedip kalbym nyşan eýlediň.
Yşgyň tygy dildi bagrym ýüregim gan eýlediň.
Ant içip sen söýgümizden ähti peýman eýlediň.

Bilseň sen ýüregimde yşk balyny döredip,
Tebip bolup bu derdim sözüň derman ýaradyp,
Hoş söz bilen köňül dagdan gaýgy garyn eredip,
Arzuwym balyk wysalym düýpsüz umman eýlediň.
Yşgyňy kalbymda baglap baky zyndan eýlediň.

Gara gözleň bolsa derýa balyk bolup ýüzsedim,
Ýar gujagyň bagy bossan bir sährada gezsedim,
Yşk oduna atyp gitdiň ömür boýy tüssedim,
Dönüp ähti peýmanyňdan neneňsi puşman eýlediň.
Sözle gülüm kalp şähriňe kimi soltan eýlediň.

Ilki başdan äht edişdiň men ykbaly şor bilen,
Diýdiň Hakdan özge hiç kim aýra bilmez zor bilen,
Gözlerim ýaşa doldurdyň ýüregimi gar bilen,
Ençe beslän arzuwymy anda weýran eýlediň.
Diýr Gylyjy maksadymy ahyr arman eýlediň.

Baýmuhammet GYLYJY,
Türkmensähra. Goşgular